# Ýadygärlik surat / hekaýa

Category: Çagalar edebiýaty,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
Ýadygärlik surat / hekaýa ÝADYGÄRLIK SURAT




Şol gün irden biz mekdebe begenjimizden uçup diýen ýaly geldik. Sebäbi tutuş synpymyz bolup surata düşmelidik. Mugallym bize şol suratyň mekdep ýyllarymyzdan iň gowy ýatlama bolup galjakdygyny, gowuja ýuwnup, ykjamja daranyp, tämizje bolup gelmelidigimizi öwran-öwran tabşyrypdy.
Ine-de men, saçym bir gyldan daralan, ýylmanan. Mekdebiň howlusyna girdim. Görsem, soňuna galan men ekenim, eýýäm hemme synpdaşlarym gelipdirler. Mugallym marslylaryň eşiginde gelen Žofrua käýäp durdy.
Žofruanyň kakasy aşa baý bolansoň, ogluna islän zadyny alyp berýärdi. Žofrua mugallyma diňe şol egnindäki eşikde surata düşjekdigini, bolmasa-da, düşmän gidiberjekdigini aýdyp janygýardy. Suratçy daýam eýýäm surata alýan enjamy bilen şo

ýerde eken.
Mugallym oňa çaltjak surata düşürmese, matematika dersine ýetişmeýändigimizi ýatlatdy. Synpymyzda iň göreldeli hem-de mugallymyň iň gowy görýän okuwçysy Anýaň matematika sapagyny goýbersek, gaty gynanjakdygyny, sebäbi o dersi gowy görýändigini, gije ýatman, ähli mysallary işländigini aýtdy.
Ed daýaw, juda güýçli oglan. Ol ýumrugy bilen Anýaňyň iki gözüniň ortasyna doňduraýasy geldi. Emma Anýaň äýnek dakynýardy, onsoňam kelläňe gelen wagty ony ýenjip ýörmeli däl ahyry. Mugallym biziň hemmämiziň çydar ýaly däldigimizi, şeýle dowam etjek bolsa, asla surata düşmän, synp otagyna gitjekdigimizi aýdyp gygyrdy.
Şol wagtam suratçy daýy ara düşdi:
–Bolýar, bolýar, gulak asyň, rahatlanyň, hanym. Asla gaharlanmak gerek däl, men çagalaryň dilini tapmaga ökde, häzir hemme zat gül ýaly bolar.
Suratçy bizi üç hatar edip duruzmaly diýen netijä geldi: birinji hatar ýerde oturýar, ikinji hatar ortarada, mugallym oturgyçda oturýar, okuwçylaram iki tarapynda dik durýar, üçünji hatar bolsa, agaç gutularyň üstünde durýar.
Suratçymyzyň bu pikiri juda ýerliklidi. Biz agaç gutulary daşamak üçin mekdebiň ýerzeminine eňdik. O ýerde iki ýana ylgap, oýnap, mazalyja hezil etdik. Ýerzemin alagaraňkydy, Rufus kellesine köne halta geýip:
–Uuuu! Men–eýe!–diýip gygyryp, iki ýana at salýardy.
Biz mugallymyň gelenini hem duýmandyrys. Onuň ýüzüne sereder ýaly däldi, biz haýdan-haý gutulara ýapyşdyk. Diňe Rufus kellesinde halta bolansoň, zatdan bihabar: «Uuuu! Men–ruh!» diýip gygyryp ýördi.
Mugallym onuň kellesindäki haltany aýyrdy welin, Rufus ony görüp, tas ýüregi ýarylypdy.
Mekdebiň howlusyna dolanyp gelenimizden soň, mugallym Rufusyň gulagyny goýberdi-de, eli bilen maňlaýyna urup:
–Siziň baryňyz gara kir ahyryy!–diýip gygyrdy.
Hakykatdanam şeýledi. Ýerzeminde samsyklap, üst-başymyzy görer ýaly etmändiris. Mugallymyň bize gahary gelip, bolanja keýpi hem gaçdy.
Suratçy daýy bolsa onça-munçanyň bolýan zatdygyny, zyýanynyň ýokdugyny, surata alýan enjamynyň aýaklaryny gurnaýança, gutulary ýerli-ýerinde goýuşdyrýança ýuwnup ýetişjekdigimizi aýdyp, ony köşeşdirdi.

Anýaňdan başga diňe Žofruanyň ýüzi-gözi arassady. Onuňam kellesinde aýna şara meňzeş marslylaryň başgaby bardy.
—Görýäňizmi? Hemmeler meniňki ýaly geýnip gelen bolsa, şunça ýakymsyzlyk bolmazdy—diýip, Žofrua özünden göwnühoş bolup, mugallyma ýüzlendi.
Mugallymyň Žofruanyň gulagyny towlasy geldi, emma o şardan ýaňa gulaga ýeter ýaly däldi. Bu marslylaryň egin-başy biz ýalylar üçin juda gowy zat eken-dä.
Birhaýukdan soň biz ýuwnup, daranyp gaýdyp geldik. Hawa, üst-başymyz az-owlak ölräkdi, ýöne suratçy munuň hiç bir ähmiýetiniň ýokdugyny, suratda mesaňa bildirip durmajakdygyny aýtdy.
—Bolýaa, gaty gowyy! Mugallymyňyzy begendiresiňiz gelýämi?—diýip, suratçy daýy joşgunly sorady.
Biz ýerli-ýerden juda isleýändigimizi aýtdyk, sebäbi biz mugallymymyzy diýseň gowy görýärdik. Biz onuň sabyr käsesini doldurman dursak, dünýäde iň gowy mugallym ahyry ol.
—Ondaa, surata düşmek üçin ýerlerimize geçeliň. Has uzynjalar gutyň üstüne, orta boýlular ikinji hatara, kiçijikler bolsa ýerde—diýip, suratçy ýerlerimizi görkezdi.
Biz ýerli-ýerlerimize geçip başladyk. Suratçy bolsa: «Biraz giňräk bolsaň, çagalaryň dilini derrewem tapyp bolýar ahyry» diýip, mugallyma çagalar bilen nädip düşünişmelidigini öwredip başlady.
Emma mugallym onuň sapagyny soňuna çenli diňläp bilmedi. O görgüli bize ýalbarmaly, her birimizi köşeşdirmeli boldy, sebäbi hemmämiziň gutynyň üstünde durasymyz gelýärdi.
—Şu ýerde iň uzyn men!—diýip, Ed ala-goh edip, guta münjek bolýanlaryň baryny itekleýärdi.
Žofrua hem eňegine tutup, kem galarly däldi. Ed onuň süýrdepesine gütledip goýberdi welin, eli kül-uşak boldumyka öýtdi.
Käbir oglanlar Žofruanyň kellesindäki aýna şary çykarjagam boldular, emma ol edil çüýlenen ýalydy.
Mugallym bize iň soňky sapar duýdurýandygyny, bolmasa matematika sapagyna gitjekdigimizi aýtdy. Şondan soň köşeşip, ýerli-ýerimize düzülmeli diýen netijä geldik.
Žofrua suratçynyň ýanyna baryp:
—Bu näme, surata düşürýän enjamyňyzmy şü?—diýip sorady.
—Bu içinden guşjagaz uçup gidýän guty, gadyrdanym—diýip, suratçy daýy gülümsiredi.

–Siziň bu surata düşürýän enjamyňyz gaty könele–diýip, Žofrua temegini asmana tutup gürledi.
–Kakam maňa ýagtylyga garşy gurluşly, gysga fokusly obýektiwli, tele obýektiwli surata düşürýän enjam alyp berdi.
Suratçy daýy haýran galan bolara çemeli, ýylgyrmasyny bes edip, oňa ýerine geçmegini haýyş etdi.
–Ýogsa-da fotoelementiňiz bir barmy?–diýip, Žofrua soragyny dowam etdi.
–Ýeriňe geçmegiňi iň soňky sapar haýyş edýän!–diýip, suratçy daýy bokurdagyna agram salyp gygyrdy, onuň depe saçynyň üýşendigi mesaňa görnüp durdy. Ahyry hemmämiz düzüldik.
Men Alsestiň ýanynda ýerde oturdym. Alsest meniň dostum, ol aşa etli-ganlyja bolansoň, hemişe bir zatlar iýip ýörendir. Ine, edil şuwagtam ballyja kökesini dişläni hem şoldy welin, suratçy daýynyň gözüne düşdi. Ol ondan kökesini ýygnap, gäwüşemesini bes etmegini haýyş etdi.
Alsest bolsa göwnübir ýaly, özüniň ajygandygyny hökman aňyrsyna bir zatlar atmalydygyny aýtdy. Edil Alsestiň arkajygynda oturan mugallym:
–Kökäňi aýyr!–diýip, howlyny ýaňlandyryp gygyrdy.
Beýle sese hiç kim garaşmadyk bolara çemeli. Alsest aljyrap, kökäni üstüne gaçyrdy.Ol gorkujyna:
–Hemme zat gül ýaly–diýip, kökäniň galanja owuntyklaryny aýyrjak bolup, gaýtam, beter çyrşady.
Mugallym:
–Ýeke-täk çykalgasy bar, ol hem köýnegindäki tegmil görünmez ýaly, Alsesti soňky hatara geçirmeli–diýdi-de–Ed, ýeriňizi dostuňyza beriň–diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.
–O asla meniň dostum däl–diýip, Ed ör-gökden geldi.–Men oňa ýerimi berjek däl, ol surata alýan enjama arkasyny öwräýsin. Ana, şeýtse ne onuň köýnegindäki tegmil, ne-de onuň ýagly ýüzi görner.
Mugallymyň gaty gahary geldi. Ede: «Men köýnegine köke gaçyran dostuma ýerimi bermeklik haýyş edilende boýun towlamaly däl» diýen sözlemi ýöňkemede üýtgetmek temmisi berildi.
Ol sesini çykarman gutudan düşdi-de, birinji hatara ýöneldi. Edil şowagtam Alsest soňky hatara geçip barýardy. Ine, bu hem giden başagaýlygyň başy boldy. Aýratyn hem, olar biri-biriniň deňine ýetenlerinde: Ed gele-gelmäne, Alsestiň iki gözüniň ortasyna bir ýumrugy goýdy.
Alsest ömür muny jogapsyz galdyrarmy?!

Olam depmäge çenenip, aýagyny galdyrdy, emma Ed ýeserlik bilen sowlup ýetişdi welin, depgi Anýaňa degdi. Bagtymyza, şowagt onuň äýnegi gözünde däldi, emma barybir, oňa zörledip aglamaga bahana boldy. Ol hem möňňürip aglaýardy, hemde: «Hiç zat göremok, hiç kim meni gowy görenok» diýip, nadaralyk edýärdi.
Mugallym ony köşeşdirip, elýaglyk bilen onuň burnuny süpürdi, saçlaryny täzeden darady. Alseste bolsa «Men äýnek dakynýan hem-de maňa yrsaramaýan dostumy urmaly däl» diýen sözlemi ýüz gezek ýazmaly diýip temmi berdi.
–Gaty dogry–diýip, Anýaň temmini goldady.
Mugallym gaharyna onuň özüne-de ýumuş berdi. Anýaň haýran galyp, aglamasyny bes etdi. Mugallymyň mazaly degnasyna degen bolmaly, hemmämize temmileri paýlaşdyrdy, birgiden ýumuş tabşyrdy. Ahyrynda-da, bize:
–Indem, hany rahatlanyň, eger özüňizi gowuja alyp barsaňyz, temmileriňizi üstüňizden aýraryn. Boluň, hany, gowuja durýas, ýylgyrýas, häzir jenap suratçy ajaýyp bir surata alýar!–diýdi.
Biz mugallymymyzy asla gynandyrasymyz gelenokdy, onuň diýeni bilen bolduk. Hemmämiz ýylgyrypjyk, örän gowuja, göze ýakymlyja çagalar bolup durduk.
Emma ömürboýy ýüregimizde ýaşajak iň gowy ýatlamamyz başabarmady. Sebäbi bir görsek, suratçy daýy ýok. Ol bir agyz geplemän ötägidiberipdir.
© Rene GOSSINI, Žan Žak ŞEMPE

**Fransuz dilinden terjime eden: Merjen PÜRJÄÝEWA**

*“Dünýä edebiýaty” žurnaly, 2021, 6-njy sany. 20-24 sah.*
Çagalar edebiýaty